# Bir nepes, bir saz

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 22 января, 2025
Bir nepes, bir saz

BIR NEPES, BIR SAZ

Bu gün ele almaz oldum men sazym,
Arşa direk-direk çykar owazym,
Dört zat bardyr bir garyndaşa lazym,
Bir ylym, bir kelam, bir nepes, bir saz.

Gözel Aly çyksa, çyksa salynsa,
Bedir Aýlar kimin dogsa, dolunsa,
Dört zat bardyr garyndaşa, bilinse,
Bir haýyr, bir şer, bir ybadat, bir nyýaz.

Ýaz olanda çaýyr-çemen üstüne,
Armagan sunarlar dosty-dostuna,
Dört zat bardyr, ony almyş destine,
Bir şahyn, bir togan, bir espir, bir baz.

Jahyl olan söýlär, sözüni bilmez,
Meýdana gelende özüni bilmez.
Dört zat bardyr, jennet ýüzüni görmez,
Bir müňkür, mynapyk, bir ýezit, gammaz.

Şa Hataýy aýdar, sen guluň näder,
Gözel dünýäsini terk eder gider,
Dört zat bardyr, ýyldan-ýyl döwr eder,
Bir Aýdyr, bir Gündür, bir gyşdyr, bir ýaz.

Goşgular